# Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Bibi Orazdurdyýewa

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler,Şygryýet melekleri
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şygryýet melekleri / makalajyklar toplumy – Bibi Orazdurdyýewa
BIBI ORAZDURDYÝEWA




Türkmen zenan-şahyrasy Bibi Orazdurdyýewa 1950-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Goňur obasynda dünýä indi. Sakarçäge etrabynyň 1- nji orta mekdebini 1966-njy ýylda tamamlap şol ýyl häzirki Magtymguly adyndaky Türkmen Döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girýär, ony 1972-nji ýylda tamamlady.
Ilki bilen Türkmen telewideniýesiniň sazly gepleşikler radiosynda redaktor bolup, 1973-1780-nji ýyllar aralygynda işledi.
Şoň şol ýyldan başlap neşirýat gullugynda häzirki güne çenli uly hünärmen bolup işleýär.
Döredijilik işi mekdep ýyllaryndan başlady. Ilkinji goşgulary 1965-nji ýylda etrabyň «Hakykat» gazetinde çap edilip başlaýar.
Meşhur şahyrymyz Atamyrat Atabaýewiň aýaly bolan

B.Orazdurdyýewanyñ «Bahar bolup ýaşasadym» (1975), «Oba gyzlary» (1979), «Altyn gupba» (Bibi Orazdurdýewa, Gözel Şagulyýewa, Tagangül Taganowa), «Saña» (1984),
«Песня любви» (1987 ý, rus dilinde), «Durmuş şeýle owadan» (1996), «Aýa meni» (1982) ýaly goşgular kitaby çap edildi, şeýle-de «Watana bolan söýgüsi üçin» (1996)
«Gaýrat» (2006) ýaly medallar bilenem sylaglandy.

- **B.Orazdurdyýewanyñ goşgularyndan:**

- TERJIMEHAL GOŞGY

Obada ýaşardyk çaga mahalym,
Daş-töweregimiz açyk meýdandy.
Ol günler gyzygy, şatlygy bilen
Süýjüje düýş bolup, uzakda galdy.

Ol mahallar
dünýä gamyma däldi,
Bir ýetmezim –
bir owadan gurjakdy.
Ah, meň pukaraja çagalyk dünýäm,
Sen ony henizem ýatlap ýörjekmi?!

Soň ýetginjek döwrüm
urdy bir heser,
Ne özüme sygdym,
Ne-de äleme.
… Ýöne meni söýmedi ol,
şonda-da
Hakydamda otyr häli-häzirem.

Soň kem-kemden dogduk obam daralyp,
Şäheriň telwasy köňle ornady.
Bu giň Watanymyň dagy-düzleri,
Sähralary öz erkime goýmady.

Serhetlerden aşyp gezdim dünýäni,
Gördüm Pyragynyň arzuwlan ýurdun.
Nirelerde gezsemem, öz Watanym,

Mährem atam deýin kalbymda durduň.

Ýaşlyk döwrüm
bahar bolup gülledim,
Geýinipler gezdim gyzyl keteni.
Ýöne käte bahyl gözler bakdylar,
Çümdi ýüregime dilleň tikeni.

Men özümi mydam belentde saýdym
Pesliklerden,
bahyllykdan,
baýlykdan.
Arşyň paýhasyndan gözledim ýolum,
Döwlet tapdym kanagatdan,
barlykdan.

Käte bagtyň çür başynda pelpelläp,
Ýöräp däl-de,
uçup geçdim ýaşlygy.
Käte bolsa çökder geldi çekerden
Bu durmuşyň maňa atan daşlary.

Ýöne şükürim kän ýaşan ömrümden,
Bolmagyn islämok şundan başgaça.
Bu mährem mekanyň mahmal goýnunda
Bar zadym ýerbe-ýer bagtly maşgala.

* * *

Sen undup bilmersiň,
Eger gözlermiň
Odundan kalbyňda köz galan bolsa.
Sen undup bilmersiň
Suwjuk sözlerden
Bez bolup, gursagyň gussadan dolsa.

Sen undup bilmersiň,
Gözüňe ilse
Uçup barýan durnalaryň hatary.

Altyn kuýaş bolup bassaň bagryňa
Başyn aşak egen günebakary.

Şirin aýdymlaryň süýji gussasy,
Meň keşbimi alyp gelse ýanyňa.
Çagyrmasaňam bor bagtly günüňde,
Men kyn günüň ýetişerin zaryňa.

Ömrüňe nur çaýan ajap dünýäňi,
Sen undup bilmersiň –
tutsa-da bulut.
Ol on sekiz ýaşyň ýakan otlary,
Galan bolsa süýji ýatlama bolup.

Dar otagyň dolduranda çal duman,
Al tüsse men bolup aýlasa başyň,
Gyzlaň bagtly gözlerine bakaňda,
Gözleriňe dolsa meniň gözýaşym –

Sen undup bilmersiň,
Dik bolsa başyň –
Meniň barlygyma bolarsyň şärik.
Heý, ýaşap bolarmy özüňi aldap,
Heý, ýaşap bolarmy özüňden dänip?!

Ýalan duýgularyň aldandyr seni,
Diýmek, söýen dälsiň unutsaň meni. Şygryýet melekleri